Zaharinova Nexia

# TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin

## Maliýe hasabatlylygy

we

## Garaşsyz Auditorlaryň Hasabaty

A member of Nexia International

**TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

## MAZMUNY


| | Sahypa |
|---|---|
| ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIGI BARADA TASSYKLAMASY | 2 |
| GARAŞSYZ AUDITORYŇ AUDITOR NETIJENAMASY | 3-7 |
| 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLYLYGY: | |
| Peýda ýa-da ýitgi we gaýry jemi girdeji barada hasabat | 8 |
| Maliýe ýagdaýy barada hasabat | 9 |
| Maýadaky üýtgetmeler barada hasabat | 10 |
| Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat | 11-12 |
| Maliýe hasabatlylygyna bellikler | 13-58 |

## TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIGI BARADA TASSYKLAMASY

Garaşsyz auditorlaryň borçlarynyň beýany bilen bilelikde seredilmäge degişli bolan aşakdaky getirilen tassyklama Türkmen-Türk Paýdarlar Täjirçilik Bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygyna degişlilikde garaşsyz auditorlaryň we ýolbaşçylaryň jogapkärçiligini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düzülýär.

Bankyň ýolbaşçylary Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (mundan beýläk "MHHÜ" diýip atlandyrylýar) laýyklykda 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin Bankyň maliýe hasabatlylygyny ähli möhüm jähtlerde aýdyňlaşdyrýan Bankyň maliýe ýagdaýyny, işiniň netijelerini, pul serişdeleriniň hereketini we Bankyň maýasyndaky üýtgemelerini dogry görkezýän maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy üçin jogap berýär.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda ýolbaşçylar şu aşakdakylara jogapkärçilik çekýärler:

- buhgalter hasabynyň degişli ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagyna we olaryň yzygider ulanylmagyna;
- esaslandyrylan bahalaryň we hasaplaşyklaryň ulanylmagyna;
- MHHÜ talaplarynyň berjaý edilmegine; we
- Bank öz işjeňligini ýakyn gelejekde dowam etdirer diýen çaklama esaslanyp, haçan-da şeýle çaklamanyň bikanun bolan ýagdaýlaryndan başga halatlarda, maliýe hasabatlylygyň taýýarlanylmagyna.

Ýolbaşçylar şu aşakdakylara hem jogapkärçilik çekýärler:

- Bankda içerki gözegçilik ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak hem-de bu ulgamyň işleýşini netijeli we ygtybarly üpjün etmek;
- islendik pursatda Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumatlary ýeterlik takyklyk derejesinde taýýarlamaga we maliýe hasabatlylygyny MHHÜ talaplaryna laýyklygyna ýöretmäge mümkinçilik berýän buhgalterçilik hasaba alyş ulgamynyň alnyp barylmagyny goldamaklyga;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna, buhgalterçilik hasaba alyş ülňülerine we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplaryna laýyklykda Bankyň buhgalterçilik hasaba alyş işleriniň we amallarynyň alnyp barylmagyna;
- Bankyň aktiwleriniň gorap saklanmagyny üpjün etmekde, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli çäreleriň görülmegine; we
- kezzapçylyklaryň, ýalňyşlyklaryň we berlen ygtyýarlykdan kanunsyz peýdalanylmagynyň ýüze çykarylmagyna hem olaryň öňüniň alynmagyna.

2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin şu maliýe hasabatlylygy Bankyň Ýolbaşçylary tarapyndan 2024-nji ýylyň 12-nji awgustynda tassyklanyldy.

**Bankyň ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Erjan Durmuş**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Serdar Saparow**
**Baş hasapçy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

## GARAŞSYZ AUDITORYŇ AUDITOR NETIJENAMASY

## Türkmen-Türk Paýdarlar Täjirçilik Bankynyň Paýdarlaryna we Gözegçilik Geňeşine

### Maliýe hasabatlylygynyň auditi barada hasabat

### Auditoryň pikiri

Biz Türkmen-Türk Paýdarlar Täjirçilik Bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) goşulýan maliýe hasabatlarynyň auditini geçirdik. Ol 2023-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna maliýe ýagdaýy barada hasabaty, agzalan senede tamamlanan ýyl üçin peýda ýa-da ýitgiler we gaýry jemlenen girdeji barada hasabaty, maýadaky üýtgemeler barada hasabaty we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty, şeýle hem maliýe hasabatlaryna bellikleri, şol sanda hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünlerine syny öz içine alýar.

Biziň pikirimize görä, goşulýan maliýe hasabatlary 2023-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna ähli möhüm jähtlerde Bankyň maliýe ýagdaýyny, şeýle hem Maliýe hasabatlarynyň halkara ülňülerine ("MHHÜ") laýyklykda agzalan senede tamamlanan ýyl üçin onuň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýär.

### Pikiri aňlatmak üçin esas

Biz Auditiň halkara ülňülerine ("AHÜ") laýyklykda auditi geçirdik. Şu ülňülere laýyklykda biziň borçlarymyz soňra biziň netijenamamyzyň "Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi" diýen bölüminde beýan edilýär. Biz Hasapçylar üçin edebiň halkara ülňüleri baradaky geňeşiň "Ussat hasapçylaryň edep kodeksine" ("HEHÜG kodeksi") we Türkmenistanda biziň maliýe hasabatlylyga auditimize degişli bolan edep talaplaryna laýyklykda Bankdan garaşsyz bolup durýarys hem şu talaplara we HEHÜG kodeksine laýyklykda beýleki edep borçlaryny ýerine ýetirdik. Biziň alan auditor subutnamalarymyzyň biziň pikirimizi aňlatmak üçin esas bolmak üçin ýeterlik we talaba laýyk bolup durýandygyna ynanýarys.

### Auditiň esasy meseleleri

Biziň professional pikirimize görä, dowam edýän döwür üçin maliýe hasabatlylygynyň auditi geçirilende has uly ähmiýete eýe bolan meseleler auditiň esasy meseleleri bolup durýarlar. Şu meseleler bütinleý biziň maliýe hasabatlylyga auditimiziň kontekstinde we şu mesele boýunça biziň pikirimizi emele getirmek babatynda garaldy, we biz şu meseleler boýunça aýratyn pikiri bermeýäris.

**Berlen karzlar boýunça garaşylýan karz ýitgileri (GKÝ) üçin ätiýaçlygyň düzedilmegi**

| **Auditiň esasy meseleleri** | *Biziň hereketlerimiz* |
|---|---|
| Ýolbaşçylar tarapyndan hümmetiň gaçmagynyň görkezijilerine baha berilmegi we müşderilere berlen karzlar boýunça garaşylýan ýitgileriň kesgitlenilmegi dürli baha berilmeleriniň hem pikirleriniň ulanylmagyny öz içine alýan çylşyrymly proses görnüşinde bolup durýar. Karzlar boýunça garaşylýan ýitgiler üçin ätiýaçlygyň zerur derejesine baha bermek üçin Bank içerki we daşky parametrler bilen kesgitlenilýän üýtgeýän ululyklaryndan peýdalanýan statistika modelini ulanýar.<br><br>MHHÜ (IFRS) 9 "Maliýe gurallary" laýyklykda Bank klassifikasiýanyň kriteriýleri esasynda hümmetiň gaçmagynyň üç derejesini tapawutlandyrýar, olar karzlaryň we karz berijileriniň obýektiw häsiýetnamalaryny, hem-de Bankyň subýektiw baha berilmelerini göz öňünde tutýarlar.<br><br>Karzlaryň hümmetiniň gaçmagynyň derejeleriniň klassifikasiýasy birnäçe faktorlaryň özara baglanyşygynyň netijesi bolup durýar:<br>Berilýän senesinde we maliýe hasabatlylygynyň senesinde defoltyň ähtimallygynyň deňeşdirilmegi;<br>Kanunda kesgitlenen çäkler, mysal üçin, 90 gün möhletiň geçirilmegi;<br>Banka degişli bolan beýleki faktorlar, mysal üçin, aýratyn seljerme üçin böwet (porog).<br><br>Garaşylýan ýitgiler taryhy maglumatlarynyň we makroykdysady çaklama elementleriniň esasynda hasaplanylýarlar.<br><br>Müşderilere berlen karzlar boýunça garaşylýan ýitgileri kesgitlemek üçin ulanylýan statistika modeli defoltyň ähtimallygyna we bahalandyryş gymmatyna esaslanan. Maliýe hasabatlylygynyň 10-njy Belligi "Müşderilere berlen karzlar" we 20-nji Belligi "Töwekgelçilikleri dolandyryş syýasaty" esasynda Bank 991,947 müň manat umumy möçberinde berlen sarp ediş we korporatiw karzlary boýunça 29,593 müň manat möçberinde GKÝ ätiýaçlyklaryny döretdi.<br><br>Şu pikirleriň ähmiýeti we müşderilere berlen karzlaryň möçberi sebäpli, müşderileren berlen karzlar boýunça GKÝ auditiň esasy meselesi bolup durýar. | Biziň auditor proseduralarymyz, beýlekileriň arasynda, karz bukjasynyň hümmetiniň gaçmagyny hasaplamagyň usulyýetine jikme-jik düşünmäniň alynmagyny goşdylar, biz garaşylýan karz ýitgileriniň möçberini kesgitlemek üçin Bankyň usulyýetiniň barabarlygyna baha berdik. Şeýlelikde, biz makroykdysady ýagdaýlaryny we degişli indeksleri, bergileriň möhletliliginiň kriteriýlerini seljerdik hem-de karz töwekgelçiliginiň parametrlerini we ulanylýan maglumatlarynyň hilini kesgitlemek üçin modellere baha berdik. Şu maksatlar üçin şu ugurdaky hünärmenler çagyryldy. Şeýle hem biz karz töwekgelçiliginiň parametrleriniň hasaplamasynda ulanylýan taryhy maglumatlarynyň hilini barladyk.<br><br>Mundan başga-da, biz ätiýaçlyklaryň hasaplamasynda ýolbaşçylar tarapyndan ornaşdyrylan içerki gözegçilik ulgamynyň düzümine we amallar netijeliligine baha berdik, şol sanda:<br>Hümmetiň gaçmagyny öz wagtynda ýüze çykarmak üçin barlaglar, eger bar bolsa;<br>Ýolbaşçylar tarapyndan karzlaryň hümmetiniň gaçmagynyň hasaplamalarynyň netijelerine we degişli ätiýaçlyklarynyň gözegçiliginiň wagtly-wagtyndalygynyň barlaglary.<br><br>Biz karzlaryň klassifikasiýasyny barlamak üçin we hümmetiň gaçmagynyň islendik alamatlaryny ýüze çykarmak üçin karzlary saýlap barlamaga degişlilikde we, zerur bolanda, garaşylýan karz ýitgileri üçin goşmaça ätiýaçlyklaryna degişlilikde barlag proseduralaryny ýerine ýetirdik. Biz gymmatyň ýitgisiniň kesgitlenilmeginde göz öňünde tutulmaly bolan faktorlara baha bermek üçin professional pikirlenmäni ulandyk we netijeleri Bankyň netijeleri bilen deňeşdirdik. Biz ykdysady şertleriniň, girewiň we karzlaryň yzyna gaýtaryjylaryna täsir edip biljek beýleki faktorlaryň täsirine baha berdik.<br><br>Biz maliýe hasabatlylygynda müşderilere berlen karzlar baradaky maglumatlaryň dolulygyna we olaryň Bank tarapyndan açylyp görkezilmeginiň barabarlygyna baha berdik. |

**Ýolbaşçylaryň we korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlaryň maliýe hasabatlylygy üçin jogapkärçiligi**

Ýolbaşçylar MHHÜ laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy we dogry berilmegi üçin hem-de ýolbaşçylaryň göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyşlar zerurly möhüm ýoýulmalary öz içine almaýan maliýe hasabatlylygy taýýarlamak üçin zerur diýip hasap edýän içerki gözegçilik ulgamy üçin jogapkärçiligi çekýärler.

Şu maliýe hasabatlylygy taýýarlananda, ýolbaşçylaryň Banky ýatyrmaga, onuň işini, amallaryny bes etmäge hyýallanýan ýa-da onuň şulary etmeklikden başga, haýsydyr hakyky alternatiwasy bolmadyk ýagdaýlardan başga, ýolbaşçylar Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyna baha bermek üçin, eger ulanylsa, işiň üznüksizligine degişli bolan meseleleri üçin we buhgalter hasaba alyşy üçin işiň üznüksizliginiň ýörelgesini ulanmak üçin jogapkärçiligi çekýärler.

Korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlar Bankyň maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak prosesine gözegçilik etmek üçin jogapkärçilik çekýärler.

**Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi**

Biziň maksadymyz maliýe hasabatlylygynyň göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyşlar zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine alýandygyna laýyk ynamy gazanmakdan we biziň pikirimizi öz içine alýan auditor netijenamasyny çykarmakdan ybarat. Laýyk ynam onuň (ynamyň) ýokary derejesi bolup durýar, emma Auditiň halkara ülňülerine (AHÜ) laýyklykda geçirilen auditiň hemişe bar bolan möhüm ýoýulmasyny ýüze çykaryp biljekdiginiň kepilligi bolmaýar. Ýoýulmalar göwnejaý däl hereketleriň ýa-da ýalňyşyň netijesi bolup biler we eger-de aýratynlykda ýa-da jeminde olaryň peýdalanyjylar tarapyndan şu maliýe hasabatlylygy esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlere täsir edip biljekdigini çaklap, möhüm diýip hasaplanylýar.

AHÜ laýyklykda geçirilýän auditiň çäklerinde biz professional pikirlenmäni ulanýarys we tutuş auditor barlagynyň dowamynda professional skeptisizmi saklaýarys. Mundan başga-da, biz aşakdakylary ýerine ýetirýäris:

- Göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyş zerarly maliýe hasabatlylygynyň möhüm ýoýulmalarynyň töwekgelçiliklerini ýüze çykarmak we olara baha bermek; şu töwekgelçiliklere jogap edip, auditor proseduralaryny işläp taýýarlamak we geçirmek; biziň pikirimiz aňlatmak üçin esas bolýan ýeterlik we talaba laýyk bolup durýan auditor subutnamalaryny almak. Göwnejaý däl hereketleriniň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiligi ýalňyşyň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiliginden ýokary, çünki göwnejaý däl hereketler dildüwşügi, içerki gözegçilik ulgamyndan çetleşip, maglumatlaryň ýa-da hereketleriň bilkastlaýyn görkezilmezligini ýa-da nädogry berilmegini öz içine alyp biler;
- Bankyň içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligi barada pikirini aňlatmak maksady bilen däl-de, ýagdaýlara degişli bolan auditor proseduralaryny işläp taýýarlamak maksady bilen, audit bilen baglanyşykly bolan içerki gözegçilik ulgamyna düşünmekligi gazanmak;
- Ulanylýan hasabat syýasatynyň talaba laýyk häsiýetine we baha möçberleriniň esaslygyna hem ýolbaşçylar tarapyndan taýýarlanan maglumatlary degişli aýan etmeklige baha bermek;
- Ýolbaşçylar tarapyndan buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizligi barada çaklamanyň kanunylygy barada netijäniň, alnan auditor subutnamalar esasynda bolsa Bankyň öz üznüksiz işini dowam etdirmek ukybyna möhüm şübheleriň ýüze çykyp biljekdiginiň wakalary ýa-da şertleri sebäpli, möhüm kesgitsizligiň bardygy ýa-da ýokdugy barada netijäniň emele getirilmegi. Eger-de biz möhüm kesgitsizligiň bardygy barada netijä gelsek, biz auditor netijenamamyzda maliýe hasabatlylygynda degişli aýan edilýän maglumatlara ýa-da eger-de maglumatlaryň şeýle aýan etmesi ýeterlik bolsa, biziň pikirimiz modifisirlemeklige ünsümizi çekmeli. Biziň netijelerimiz biziň auditor netijenamamyzyň senesine çenli alnan auditor

subutnamalara esaslanan. Emma geljekki wakalar ýa-da şertler Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyny ýitirip biljekdigine getirip biler;

- Maliýe hasabatlylygyny umumy bermeklige, onuň düzümine we mazmunyna baha bermekligiň, şol sanda maglumatlaryň aýan edilmegi, şeýle hem şu maliýe hasabatlylygynyň onuň özeninde bolan amallaryň we wakalaryň olar barada dogry düşünjä ýetip biljekdigine baha bermekligiň ýerine ýetirilmegi.

Biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň dykgatyna, gaýrylardan başga, auditiň meýilnamalaşdyrylan möçberi we möhletleri barada, şeýle hem auditiň möhüm netijeleri barada, şol sanda biziň auditiň prosesinde ýüze çykarýan içerki gözegçilik ulgamyndaky islendik düýpli kemçilikleri barada habar berýäris.

Şeýle hem biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň salgysyna, biziň garaşsyzlyga bildirilýän ähli degişli edep talaplaryny berjaý edendigimiz baradaky tassyklamany berýäris, we olara ähli özara gatnaşyklary hem biziň garaşsyzlygymyza degişli diýip esasly hasap edilip bilinjek beýleki meseleleri barada, we ulanylýan bolsa, degişli seresaplylyk çäreleri barada habar berýäris.

Korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň dykgatyna ýetirilen meselelerden biz dowam edýän döwür üçin maliýe hasabatlylygynyň auditi üçin has uly ähmiýete eýe bolan we, degişlilikde, auditiň esasy meseleleri bolup durýan meseleleri kesgitleýäris. Biz kanunyň ýa-da kadalaşdyryjy namasynyň bu mesele baradaky maglumaty jemagat öňünde aýan etmekligi gadagan edýän ýagdaýlardan başga ýa-da haçan-da iň seýrek ýagdaýlarda, maglumaty şeýle aýan etmegiň ýaramaz netijelerine esasly garaşmaklygyň  şu kommunikasiýa bilen bagly bolan jemgyýetçilik bähbitlerinden üstün çykýandygy sebäpli, biziň meseläniň auditor netijenamamyzda habar berilmeli däldigini kesgitleýän ýagdaýymyzdan başga, auditor netijenamamyzdaky şu meseleleri beýan edýäris.

Zaharinova Nexia

## Beýleki kanunçylyk we kadalaşdyryjy talaplary barada hasabat

***Bolgariýanyň Garaşsyz Maliýe Auditi barada Kanunynyň 59-njy maddasynyň talaplary bilen baglylykda Ýewropa Bileleşiginiň №537/2014 Reglamentiniň 10-njy maddasyna laýyklykdaky hasabatlylyk***

Garaşsyz Maliýe Auditi barada Kanunynyň talaplaryna laýyklykda, Ýewropa Bileleşiginiň №537/2014 Reglamentiniň 10-njy maddasy bilen baglylykda, şunuň bilen aşakda beýan edilen maglumatlary goşmaça habar berýäris.

— ZAHARINOVA NEXIA LTD. Türkmen-Türk Paýdarlar Täjirçilik Bankynyň (Bank) 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin maliýe hasabatlylygynyň bir ýyl möhleti bilen 01.04.2024 senedäki 2557-04/22 belgili haty esasynda daşary auditory hökmünde bellenildi.

— Bankyň 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin maliýe hasabatlylygynyň auditi şu gurama üçin biziň tarapymyzdan ýerine ýetirilen yzygiderli üçünji hökmany auditor tabşyrygy bolup durýar.

— Şunuň bilen Bolgariýanyň Garaşsyz Maliýe Auditi barada Kanunynyň 64-nji maddasynda görkezilen gadagan edilen auditor däl hyzmatlaryny ýerine ýetirmändigimizi tassyklaýarys.

— Şunuň bilen audit barlagyň geçirilmeginde biziň Bankdan garaşsyz bolup galandygymyzy tassyklaýarys.

ОДИТОРСКО ДРУЖЕСТВО София Рег. № 138 ЗАХАРИНОВА НЕКСИА ЕООД

**ZAHARINOVA NEXIA LTD.**

**Dolandyryjy Hyzmatdaş**
**Dimitrina Zaharinowa**

**Audit üçin jogapkär bellige alnan auditor**
**Stoýço Milew**

**2024-njy ýylyň 12-nji awgusty**
**Sofiýa ş., Bolgariýa**
**157-159 Konstantin Weliçkow, gat 1, otag 3**

A member of Nexia International

Disclaimer: ZAHARINOVA NEXIA LTD. is a member of Nexia International, a leading, global network of independent accounting and consulting firms. Please see the https://nexia.com/member-firm-disclaimer/ for further details.

**TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

**2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYL ÜÇIN PEÝDA ÝA-DA ÝITGILER WE GAÝRY JEMLENEN GIRDEJI BARADA HASABAT**
*(müň türkmen manadynda)*

| | Bellik | 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin | 2022-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 4 | 82,053 | 71,776 |
| Göterim çykdajylary | 4 | (3,172) | (6,157) |
| GÖTERIMLERI HASAPLANÝAN GARAŞYLÝAN KARZ ÝITGILERI ÜÇIN DÖREDILEN ÄTIÝAÇLYKLARYNYŇ EMELE GETIRILMEGINDEN ÖŇ ARASSA GÖTERIM GIRDEJI | | 78,881 | 65,619 |
| Göterimleri hasaplanýan garaşylýan karz ýitgileri üçin döredilen ätiýaçlyklarynyň emele getirilmegi | 10 | (14,992) | (1,199) |
| ARASSA GÖTERIM GIRDEJI | | 63,889 | 64,420 |
| Komissiýa girdejileri | 5 | 38,064 | 39,505 |
| Komissiýa çykdajylary | 5 | (2,367) | (1,919) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça arassa peýda/ (ýitgi) | | 360 | (51) |
| Gaýry ýitgi, sap arassa | | (1,694) | (2,563) |
| ARASSA GÖTERIM DÄL GIRDEJI | | 34,363 | 34,972 |
| Amallar çykdajylary | 6 | (32,414) | (28,407) |
| PEÝDA SALGYDY SALYNMAZDAN ÖŇKI PEÝDA | | 65,838 | 70,985 |
| Peýda salgydy | 7 | (18,315) | (1,205) |
| BIR ÝYL ÜÇIN PEÝDA | | 47,523 | 69,780 |
| Esasy serişdelerine gaýtadan baha bermegiň gaznasyndaky üýtgeme | | - | - |
| UMUMY JEMLENEN GIRDEJI | | 47,523 | 69,780 |

**Bankyň ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Erjan Durmuş**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Serdar Saparow**
**Baş hasapçy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

13-58-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-7-nji sahypalarda görkezilen.

## TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRY ÝAGDAÝYNA MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABAT
*(müň türkmen manadynda)*

| | Bellik | 2023-nji ýylyň 31-nji dekabry | 2022-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER:** | | | |
| Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri | 8 | 1,034,668 | 1,408,268 |
| Banklardaky serişdeler | 9 | 249,064 | 42,810 |
| Müşderilere berlen karzlar | 10 | 962,354 | 949,166 |
| Gymmatly kagyzlara maýa goýumlar | | 1,555 | 1,555 |
| Esasy serişdeler | | 4,673 | 5,130 |
| Peýdalanmak hukugyndaky aktiwler | | - | 206 |
| Maddy däl aktiwler | | 1,688 | 1,223 |
| Maýa goýum eýeçiligi | | 1,118 | 1,146 |
| Satmak üçin niýetlenen aktiwler | | 2,940 | 2,940 |
| Gaýra goýlan peýda salgydy boýunça talaplar | 7 | 6,893 | 4,860 |
| Gaýry aktiwler | | 20,598 | 41,264 |
| AKTIWLERIŇ HEMMESI | | 2,285,551 | 2,458,568 |
| **BORÇNAMALAR WE MAÝA:** | | | |
| BORÇNAMALAR: | | | |
| Banklaryň serişdeleri | 11 | 21,982 | 3,262 |
| Müşderileriň serişdeleri | 12 | 1,812,047 | 1,991,552 |
| Alnan karzlar | 13 | 80,538 | 126,353 |
| Kärende boýunça borçnamalar | | - | 227 |
| Gaýra goýlan salgyt borçnamasy | 7 | 1,330 | - |
| Gaýry borçnamalar | | 10,284 | 8,323 |
| | | 1,926,181 | 2,129,717 |
| MAÝA: | | | |
| Paýdarlar maýasy | 14 | 210,000 | 113,790 |
| Gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyk | | 439 | 439 |
| Umumy ätiýaçlyklar | | 33,765 | 10,987 |
| Paýlanylmadyk peýda | | 115,166 | 203,635 |
| | | 359,370 | 328,851 |
| BORÇNAMALARYŇ WE MAÝANYŇ HEMMESI | | 2,285,551 | 2,458,568 |

**Bankyň ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Erjan Durmuş**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Serdar Saparow**
**Baş hasapçy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY TÜRKMEN-TÜRK TICARET BANKASI ANONIM ŞIRKETI TURKMEN-TURKISH JOINT-STOCK COMMERCIAL BANK * AŞGABAT * TÜRKMENISTAN *

13-58-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-7-nji sahypalarda görkezilen.

## TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ MAÝASYNDAKY ÜÝTGETMELER BARADA HASABATY

*(müň türkmen manadynda)*

| | Bellik | Esaslyk maýa | Umumy ätiýaçlyklar | Esasy serişdelerine gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyk | Paýlanylmadyk peýda | Maýanyň hemmesi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 2021-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | | 113,790 | 10,987 | 439 | 133,855 | 259,071 |
| **Jemi girdeji** | | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | - | 69,780 | 69,780 |
| Esasy serişdelerine gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygyndaky üýtgetme | | - | - | - | - | - |
| **Jemleýji jemi girdeji** | | - | - | - | 69,780 | 69,780 |
| 2022-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | | 113,790 | 10,987 | 439 | 203,635 | 328,851 |
| **Jemi girdeji** | | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | - | 47,523 | 47,523 |
| Tölenen diwidendlar | | - | - | - | (17,004) | (17,004) |
| Esaslyk mayanyň kopelmegi | | 96,210 | - | - | (96,210) | - |
| Umumy ätiýaçlyklaryň köpelmegi | | - | 22,778 | - | (22,778) | - |
| Esasy serişdelerine gaýtadan baha bermegiň ätiýaçlygyndaky üýtgetme | | - | - | - | - | - |
| **Jemleýji jemi girdeji** | | 96,210 | 22,778 | - | (88,469) | 30,519 |
| 2023-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | | 210,000 | 33,765 | 439 | 115,166 | 359,370 |

**Bankyň ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Erjan Durmuş**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Serdar Saparow**
**Baş hasapçy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

13-58-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-7-nji sahypalarda görkezilen.

## TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY

*(müň türkmen manadynda)*

| | Bellik | 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin | 2022-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin |
|---|---|---|---|
| **AMALLAR IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Peýda salgydy boýunça çykdajylaryň hasaba alynmagyndan öňki peýda | | 65,838 | 70,985 |
| Aşakdakylara düzedişler: | | | |
| Arassa göterim girdeji | 4 | (78,881) | (65,619) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça nyrh aratapawudy | | (360) | (51) |
| Damjalaýyn suwaryş desgasynyň hasapdan öçürilmeginden ýitgi | | - | 1,821 |
| Göterimleri hasaplanylýan garaşylýan karz ýitgileri boýunça ätiýaçlykdaky hereket | 10 | 14,992 | 1,199 |
| Esasy serişdeleriň könelmesi | | 1,231 | 1,110 |
| Peýdalanmak hukugyndaky aktiwleriň amortizasiýasy | | 206 | 196 |
| Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy | | 446 | 386 |
| Maýa goýum eýeçiliginiň könelmesi | | 28 | 28 |
| Ulanylmadyk rugsatlar boýunça ätiýaçlykdaky hereket | | (487) | 91 |
| Amallar aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky üýtgetmelerden öň amallar işinden pul serişdeleriniň hereketi | | 3,013 | 10,146 |
| Amallar aktiwleriniň we borçnamalarynyň üýtgemegi: | | | |
| Banklardaky serişdeleriň (köpelmegi)/azalmagy | 9 | (191,482) | 53,769 |
| Müşderilere berlen karzlaryň köpelmegi | 10 | (21,425) | (281,296) |
| TMB-da hökmany ätiýaçlyklarynyň azalmagy | 8 | 9,132 | 27,988 |
| Gaýry aktiwleriň azalmagy | | 44 | 401 |
| Müşderileriň serişdeleriniň azalmagy | 12 | (179,722) | (273,306) |
| Banklaryň serişdeleriniň köpelmegi / (azalmagy) | 11 | 17,543 | (8,291) |
| Gaýry borçnamalarynyň köpelmegi / (azalmagy) | | 4,051 | (833) |
| Salgyt salynmazdan öň amallar işinden pul serişdeleriniň yzyna alynmagy | | (358,846) | (471,422) |
| Alnan göterimler | 4 | 76,035 | 115,830 |
| Tölenen göterimler | 4 | (3,277) | (6,074) |
| Tölenen peýda salgydy | 7 | - | (44,380) |
| Amallar işinden pul serişdeleriniň arassa yzyna alynmagy: | | (286,088) | (406,046) |

## TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

### 2023-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY (DOWAMY)

*(müň türkmen manadynda)*

| | Bellik | 2023-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin | 2022-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin |
|---|---|---|---|
| **MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esasy serişdeleriniň satyn alynmagy | | (774) | (3,182) |
| Maddy däl aktiwleriniň satyn alynmagy | | (911) | (371) |
| Gymmatly kagyzlaryň üzülmegi | | - | 495,000 |
| Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň arassa (yzyna gaýtmagy) / gelip düşmegi: | | (1,685) | 491,447 |
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Kärende boýunça borçnamalaryň tölenilmegi | | (238) | (238) |
| Alnan karzlaryň alynmagy | 13 | (45,699) | 43,137 |
| Tölenen diwidendlar | | (17,004) | - |
| Maliýe işinden pul serişdeleriniň arassa gelip düşmegi: | | (62,941) | 42,899 |
| PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ ARASSA (AZALMAGY) / KÖPELMEGI | | (350,714) | 128,300 |
| Daşary ýurt walýutalarynyň nyrhynyň üýtgemeginiň pul serişdelerine we olaryň ekwiwalentlerine täsiri | | - | - |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň başyna | 8 | 1,234,338 | 1,106,038 |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň ahyryna | 8 | 883,624 | 1,234,338 |

**Bankyň ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Erjan Durmuş**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Serdar Saparow**
**Baş hasapçy**

2024-nji ýylyň 12-nji awgusty
Aşgabat ş., Türkmenistan

13-58-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-7-nji sahypalarda görkezilen.